**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**Balkan welaýat maliýe-ykdysady**

**orta hünär okuw mekdebi**

**“Buhgalterçilik hasaba alnyşy”, “Maliýe we karz”,**
**“Ykdysadyýet we meýilnamalaşdyryş”**
**hünärleriniň**

**I ýyl talyplary üçin (11-15-topar II ý.ý.)**

# “Telekeçiligiň esaslary” dersiniň

# IŞ MAKSATNAMASY

## Düşündiriş ýazgysy.

“Telekeçiligiň esaslary” dersiniň okuw maksatnamasy Balkan welaýat maliýe-ykdysady orta hünär okuw mekdebiniň ähli hünärleri boýunça hünärmenleri taýýarlamak üçin niýetlenendir.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň öňden görüjilikli ykdysady syýasaty üstünlikli durmuşa geçirilýär. Häzirki bazar ykdysadyýete geçiş döwründe bank ulgamlarynyň sany köpelýär we olaryň häzirki döwrüň talaplaryna görä geljekde telekeçilik ulgamynda zerur bolan ykdysatçylary taýýarlamak üçin ýörite hünär beriş mekdebinde okadylýar.

Dersiň manysy telekeçilik işini guramak we dolandyrmak, müşderiler bilen aragatnaşygy guramakdan we ykdysadyýetde ýüze çykýan meseleleri çalt, öz wagtynda çözüp netije çykarmak, olaryň optimal çözgütlerini tapmagy hem-de hususy sektory giňeltmekde ýokary peýda gazanmaklygy öwretmeklikdir.

Telekeçilik işini kämilleşdirmek, ýurdumyzyň ykdysadyýetini ösdürmek, ýokary hilli önümlerini öndürmek, alyja ýetirmek esasy meseleleriň biri bolup durýar. Bu çäreleriň geçirilmegi ýurdumyzy ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli Maksatnamasy işläp taýýarlandy we işewürlige döwlet tarapyndan goldaw berilmegi ýola goýuldy.

Kiçi we orta telekeçiligiň görnüşlerini ösdürmegiň esasynda iň ýokary netijeleri gazanmagyň amatly usulynyň saýlanyp alynmagyna gönükdirilendir.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda biziň ýurdumyz öz ösüşiniň hil taýdan täze bagtyýarlyk döwrüni başdan geçirýär, jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlary boýunça giň gerimli

syýasy, ykdysady, sosial we medeni özgertmeler yzygiderli amala aşyrylýar.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetinde bolup geçýän özgertmeleriň baş maksady – ykdysady ösüşiň ýokary depginlerini, maliýe serişdeleriniň netijeli peýdalanylmagy, amatly maýa goýum ýagdaýyny, haryt bolçulygyny we halkyň maddy hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmak bolup durýar. Şonuň üçin döwletimiziň ykdysadyýetine degişli Türkmenistanyň kanunlaryny, permanlaryny, görkezmelerini, menejmentiň we marketingiň usullaryny, maliýe gaznalarynyň döredilmegini hem-de maliýe taýdan dolandyrylmagyny öwredýär.

“Telekeçiligiň esaslary” dersiniň okuw maksatnamasy umumy, amaly sapaklary geçirmek we barlag işlerini ýerine ýetirmek arkaly özleşdirilmegi göz öňünde tutýar.

Bu dersi orta hünär okuw mekdebinde okatmagyň maksady, onuň mazmunyny öwredip, Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe işlejek ylymly-bilimli, ýokary düşünjeli, giň gözýetimli, döwrebap ahlak-sypatly, maksadaokgunly hünärmenleri taýýarlamakdyr.

“Buhgalterçilik hasaba alnyşy”, “Maliýe we karz”, “Ykdysadyýet we meýilnamalaşdyryş” hünärleriniň I ýyl talyplary üçin **“Telekeçiligiň esaslary”** dersi boýunça okuw sapaklarynyň paýlanylyşy.

| Okuw ýyly | Ýarym ýyl | Sagatlaryň jemi sany | Şol sanda | | Hasap | Synag |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | Umumy sapak | Amaly sapak | | |
| 1 | 2 | 54 | 36 | 18 | 2 | - |

“Buhgalterçilik hasaba alnyşy”, “Maliýe we karz”, “Ykdysadyýet we meýilnamalaşdyryş” hünärleriniň I ýyl talyplary üçin **“Telekeçiligiň esaslary”** dersi boýunça okuw sapaklarynyň paýlanylyşy.

| T/b | Temalaryň ady | Sagat sany | | |
|---|---|---|---|---|
| | | Jemi | Şol sanda | |
| | | | Umumy okuw | Amaly okuw |
| 1 | “Telekeçiligiň esaslary” dersiniň öwrenýän meseleleri, wezipeleri. | 6 | 2 | 2 |
| 2 | Telekeçiligiň esasy görnüşleri, esaslandyryjy düzgünnamalary. | | 2 | |
| 3 | Telekeçilik işinde hyzmatlaryň görnüşleri. | 6 | 2 | 2 |
| 4 | Kärhana bazar şertlerinde. | | 2 | |
| 5 | Kärhananyň taslamasyny amala aşyrmakda maýa goýumlaryň ähmiýeti. | 6 | 2 | 2 |
| 6 | Önümiň öndürilişi we sarp edilişi. | | 2 | |
| 7 | Telekeçilik işinde gümrükhana hyzmatlary. | 6 | 2 | 2 |
| 8 | Hususy işiň guralyşy we ösüşi. | | 2 | |
| 9 | Işewürlik meýilnamanyň manysy we düzümi. | 6 | 2 | 2 |
| 10 | Kärhanalarda bahalaryň döreýşi. | | 2 | |
| 11 | Telekeçilik işinde birža hyzmatlary. | 6 | 2 | 2 |
| 12 | Hususy kärhanalarda işgärleri dolandyrmak. | | 2 | |
| 13 | Şertnama baglaşmagyň düzgünleri. | 6 | 2 | 2 |
| 14 | Innowasion telekeçiligiň esaslary. | | 2 | |
| 15 | Kärhanalarda marketing. | 6 | 2 | 2 |
| 16 | Haryt nyşanlary. | | 2 | |
| 17 | Telekeçilik çözgütleriniň işlenip taýýarlanylyşy. | 6 | 2 | 2 |
| 18 | Telekeçilik syrlary. | | 2 | |
| **Jemi** | | **54** | **36** | **18** |

## Sapaklaryň meýilnamasy

**1-nji tema:** Telekeçiligiň esaslary dersiniň öwrenýän meseleleri, wezipeleri.

1. Telekeçilik hakynda düşünje, onuň mazmuny.
2. Türkmenistanda telekeçiligiň häzirki zaman ýagdaýy we orny.
3. “Türkmenistan – Bitaraplygyň mekany” atly tema boýunça söhbetdeşlik.

**2-nji tema:** Telekeçiligiň esasy görnüşleri, esaslandyryjy düzgünnamalary.

1. Telekeçiligiň ýazmaça delilnamalarynyň ulanylyşy.
2. Telekeçiligiň esaslanýan kanunlary.

**3-nji tema:** Telekeçilik işinde hyzmatlaryň görnüşleri.

1. Hyzmatlaryň görnüşleri.
2. Hyzmat ediş kompaniýalar.
3. “Paýhas çeşmesi” kitaby. 2-nji bölüminden öwütler.

**4-nji tema:** Kärhana bazar şertlerinde

1. Bazar şertlerinde kärhananyň guramaçylyk-ykdysady esaslary.
2. Kärhananyň ykdysady seljerişiniň esasy ugurlary.

**5-nji tema:** Kärhananyň taslamasyny amala aşyrmakda maýa goýumlaryň ähmiýeti.

1. Maýa goýumlaryň ähmiýeti.
2. Maýa goýum syýasaty.
3. “Paýhas çeşmesi” kitaby. 2-nji bölüminden öwütler.

**6-njy tema:** Önümiň öndürilişi we sarp edilişi.

1. Haryt ätiýaçlyklarynyň aýlanyşygy.
2. Önümçiligiň netijeliligini artdyrmaklygyň esasy alamatlary.

**7-nji tema:** Telekeçilik işinde gümrükhana hyzmatlary

1. Gümrükhana we gözegçilik gulluklary.
2. Telekeçilik salgytlary.
3. “Paýhas çeşmesi” kitaby. 3-nji bölüminden öwütler.

**8-nji tema:** Hususy işiň guralyşy we ösüşi

1. Täze kärhanany döretmegiň düzgüni.
2. Kärhananyň umumylaşdyrylan nusgasy.

**9-njy tema:** Işewürlik meýilnamanyň manysy we düzümi

1. Işewürlik meýilnamanyň wajyplygy we meseleleri.
2. Işewürlik meýilnamanyň düzümi.
3. “Paýhas çeşmesi” kitaby. 3-nji bölüminden öwütler.

**10-njy tema:** Kärhanalarda bahalaryň döreýşi

1. Bahanyň döreýişiniň hasaplanyşy we tertipliligi.
2. Bäsdeşligiň görnüşleri we häzirki zaman şertlerinde bäsdeşligiň ösüşi.

**11-nji tema:** Telekeçilik işinde birža hyzmatlary

1. Birža barada düşünje, onuň wezipeleri.
2. Birža şertleşikleriň görnüşleri.
3. “Paýhas çeşmesi” kitaby. 4-nji bölüminden öwütler.

**12-nji tema:** Hususy kärhanalarda işgärleri dolandyrmak

1. Işgärlere ýolbaşçylyk etmek.
2. Iş wagtyny ulanmagyň ýollary.
3. Işiň netijeliligi.

**13-nji tema:** Şertnama baglaşmagyň düzgünleri

1. Şertnama barada düşünje we onuň şertleri.
2. Önümi hödürlemegiň guralyşy.
3. Bazaryň mazmuny.
4. “Paýhas çeşmesi” kitaby. 4-nji bölüminden öwütler.

**14-nji tema:** Innowasion telekeçiligiň esaslary

1. Innowasion telekeçiligiň guramaçylyk görnüşleri.
2. Innowasion telekeçiligiň obýektleri.
3. Gurluş we innowasiýalar syýasaty.

**15-nji tema:** Kärhanalarda marketing

1. Marketingiň durmuş ykdysady ähmiýeti we manysy.
2. Marketingiň esasy düzgünleri.
3. “Paýhas çeşmesi” kitaby. 5-nji bölüminden öwütler.

**16-njy tema:** Haryt nyşanlary

1. Haryt nyşanlary we olaryň intellektual eýeçiligindäki orny.
2. Haryt nyşanlarynyň esasy wezipeleri.
3. Haryt nyşanlarynyň görnüşleri we olaryň aýratynlyklary.

**17-nji tema:** Telekeçilik çözgütleriniň işlenip taýýarlanylyşy

1. Telekeçilik çözgüdiniň manysy.
2. Telekeçilik çözgütleri kabul etmeginiň tapgyrlary.
3. “Paýhas çeşmesi” kitaby. 5-nji bölüminden öwütler.

**18-nji tema:** Telekeçilik syrlary

1. Telekeçilik syrlarynyň manysy.
2. Telekeçilik syrlaryn düzümündäki maglumatlar.
3. Telekeçilik syrlarynyň goramagynyň mehanizmi.

# EDEBIÝATLAR


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. Aşgabat, 2008.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. Aşgabat, 2009.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 3-nji tom. Aşgabat, 2010.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. I,II tom. Aşgabat, 2010.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 4-nji tom. Aşgabat, 2011.
6. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 5-nji tom. Aşgabat, 2012.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 6-njy tom. Aşgabat, 2013.
8. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 7-nji tom. Aşgabat, 2014.
9. Gurbanguly Berdimuhamedow. Bitarap Türkmenistan. Aşgabat, 2015.
10. “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň Bitewi Kanuny. Aşgabat, 2004.
11. Türkmenistanyň Zähmet Kodeksi. Aşgabat, 2009.
12. Türkmenistanyň ilaty durmuş taýdan goramak hakynda Kodeksi. Aşgabat, 2012.

13. Türkmenistanyň Býujet Kodeksi. Aşgabat, 2014.
14. “Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, säherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy”. Aşgabat, 2007.
15. “Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy”. Aşgabat, 2010.
16. «Eýeçilik hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 1993.
17. «Girewhakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 1993.
18. «Kärhanalar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2000.
19. “Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda “ Türkmenistanyň Kanuny, 2009.
20. Türkmenistanyň Maliýe ministrligi: http://www.minfin.gov.tm/.
21. Türkmenistanyň Döwlet salgyt gullugy: info@tax.gov.tm